Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň,
Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň we
“Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugynyň
2016-njy ýylyň 11-nji aprelinde çykaran 97/1-e, 35-ö we 1/55 belgili

# B U Ý R U G Y

## Önümleri öndürmek üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini işlap taýýarlamagyň Tertibini tassyklamak barada

“Önümleri öndürmek üçin kadalaşdyryjylary we ölçegleri işläp taýýarlamagy kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 11-nji martynda çykaran 14661-nji kararyny ýerine ýetirmek hem-de döwlet kärhanalarynda, edaralarynda we guramalarynda öndürilýän önümler üçin çig mallaryň, kömekçi we ýangyç-energetika serişdeleriniň hem-de zähmet harajatlarynyň sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini kesgitlemegi tertipleşdirmek maksady bilen, **buýurýarys**:

Önümleri öndürmek üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini işlap taýýarlamagyň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we
ösüş ministri B.Bazarow

Türkmenistanyň Zähmet we
ilaty durmuş taýdan goramak ministri S.Akmämmedow

“Türkmenstandartlary” baş döwlet
gullugynyň başlygy K.Durdymyradow

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we
ösüş ministriniň, Türkmenistanyň
Zähmet we ilaty durmuş taýdan
goramak ministriniň,
“Türkmenstandartlary” baş döwlet
gullugynyň başlygynyň
2016-njy ýylyň 11-nji aprelinde
çykaran 97/1-e/35-ö/ 1/55/ belgili
buýrugy bilen tassyklandy

**Önümleri öndürmek üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini işläp taýýarlamagyň
Tertibi**

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu Önümleri öndürmek üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalaryny we ölçeglerini işlap taýýarlamagyň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) „Önümleri öndürmek üçin kadalaşdyryjylary we ölçegleri işläp taýýarlamagy kämilleşdirmek hakynda“ Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 11-nji martynda çykaran 14661-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip döwlet kärhanalary, edaralary we guramalary (mundan beýläk - kärhanalar) tarapyndan önümleri öndürmek üçin çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini we zähmet harajatlaryny sarp etmegiň kadalarynyň we ölçegleriniň (mundan beýläk - kadalar we ölçegler) ýeke-täk ulgamyny belleýär.

3. Kadalaryň we ölçegleriň ýeke-täk ulgamy - önümiň birligine düşýän zähmet, maddy we maliýe harajatlarynyň ylmy taýdan esaslandyrylan görkezijilerinden ybarat bolup, kärhanalarda önümiň her bir görnüşi üçin şol görkezijileri emele getirmek, taýýarlamak, guramak we gözegçilik etmek meselelerini düzgünleşdirýär.

4. Kadalary we ölçegleri işläp taýýarlamagyň maksady önümçiligiň netijeliligine baha bermek, peýdalanylmaýan mümkinçilikleri ýüze çykarmak, şeýle hem önümçilik kuwwatlyklarynyň doly peýdanylýan ýagdaýynda önümleriň çig mal, kömekçi we ýangyç-energetika serişdeleriniň we zähmet harajatlarynyň görnüşleri boýunça öňdebaryjy tehniki-ykdysady kadalaryny we ölçegleri önümçilige ornaşdyrmagy göz öňünde tutýan önümçiligiň netijeliligini has-da ýokarlandyrmak bolup durýar.

5. Kärhanalarda kadalaryň we ölçegleriň binýady ykdysady we durmuş taýdan ösüşiň çaklamalaryny işläp taýýarlamak üçin amala aşyrylýar.

6. Kärhanalarda kadalaryň we ölçegleriň binýady önümçiligi tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak we guramak meýilnamasy boýunça çärelere laýyklykda takyklanmalydyr.

Kadalar we ölçegler hasaplananda ýa-da takyklananda hasaba alynýan faktorlaryň esasy toparlaryndan ilki bilen şular göz öňünde tutulýar:

önümçiligiň tehniki derejesini ýokarlandyrmak;
önümçiligiň we zähmetiň guralyşyny gowulandyrmak;
önümiň hilini ýokarlandyrmak;
öndürilýän önümiň düzümini we möçberini üýtgetmek.

7. Kadalary we ölçegleri emele getirmek ykdysady we inženerçilik hasaplamalaryň esasynda geçirilmelidir, şunda olaryň diňe emele gelen depginden ugur alnyp kesgitlenmegine ýol berilmeli däldir.

8. Kadalaryň we ölçegleriň ulgamyny kämilleşdirmek, kadalaşdyrmagyň usulyýet meselelerini işläp taýýarlamak, kadalary we ölçegleri taýýarlamagyň guralyşyny kämilleşdirmek tapgyrlaýyn amala aşyrylýar.

Kadalaryň we ölçegleriň ulgamynyň kämilleşdirilişine we ornaşdyrylyşyna görä, gymmat manysynda hasaplanylýan maddy serişdeleri sarp etmegiň kadalaryny peýdalanmak hem üpjün edilmelidir.

9. Öndürilýän her bir önüm üçin kadalary we ölçegleri emele getirmek - önümleri öndürmek, olaryň öndürilýän tehnologiýasy üçin sarp edilýän harajatlary deňeşdirmek üçin şertleri döretmäge mümkinçiligi göz öňünde tutýar.

10. Kadalary we ölçegleri ornaşdyrmak - buhgalterçilik ilkinji hasaba alnyşy we hasabatlylygy gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň durmuşa geçirilmegini, kärhanalarda buhgalterçilik hasaba alnyşyň kadalaşdyrylan usullarynyň has giňden ornaşdyrylmagyny we hakyky sarp edilýän maddy, zähmet we maliýe serişdelerine gözegçiligiň güýçlendirilmegini göz öňünde tutýar.

## II. KADALARY WE ÖLÇEGLERI EMELE GETIRMEK WE GURAMAK

11. Kadalary we ölçegleri emele getirmek üç tapgyrda: guramaçylyk, usulyýet we hasaplamalar tapgyrlary boýunça amala aşyrylýar:

Guramaçylyk tapgyry - kadalary we ölçegleri emele getirmekde kärhanalar tarapyndan olary işläp taýýarlamagyň we yzygiderli täzelemegiň tertibini kesgitlemek;

Usulyýet tapgyry - kadalary we ölçegleri emele getirmek boýunça usulyýet resminamalaryny taýýarlamak, degişli sanawlary (nomenklatura) kesgitlemek, wagty ölçemek (hronometraž), synag arkaly barlap görmek we usulyýet resminamalaryny tassyklamak;

Hasaplamalar tapgyry - hasaplamalary geçirmek, kadalary we ölçegleri tassyklamak we olaryň yzygiderli täzelenmegini üpjün etmek.

12. Kadalary we ölçegleri hasaplamak boýunça pudaklaýyn görkezijiler ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan degişlilikde işlenip taýýarlanylýar we olara zerurlyga görä yzygiderli gaýtadan seredilýär.

13. Kadalaryň we ölçegleriň binýadyny işläp taýýarlamak üçin degişli önümiň kartotekasy döredilýär, onda bu önümiň tehniki-ykdysady görkezijileri we ýurdumyzdaky we daşary ýurtlardaky iň öňdebaryjy nusgalar boýunça görkezijiler jemlenýär.

14. Önümçilikde bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmak, serişdeleri peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de kadalaryň we ölçegleriň

öňde baryjy usulyny anyklamak maksady bilen, ministrliklerde we pudak edaralarda kadalaryň we ölçegleriň esaslandyrylyşyna seljerme geçirilýär.

15. Kadalaryň we ölçegleriň esaslandyrylyşyna seljerme şu ugurlar boýunça geçirilýär:

kadalar we ölçegler işlenip taýýarlananda, ylmyň-tehnikanyň gazananlaryny hasaba almak maksady bilen, olary önümçilige ornaşdyrmak boýunça goşmaça çäreleri tapmak;

ölçegleriň öňde baryjy usulyny häsiýetlendirýän görkezijilere seretmek we baha bermek;

kadalary we ölçegleri serişdeleri sarp etmegiň taslama görkezijileri we hakyky görkezijileri bilen, şeýle hem pudak boýunça ortaça öňde baryjy usuly we daşary ýurtlardaky şonuň ýaly görkezijileri bilen deňeşdirmek.

16. Geljekki çaklama döwürler üçin taslama hasaplamalarynda bellenen tertipde ylalaşylan we tassyklanan kadalar we ölçegler ulanmaly.

## III. KADALARY WE ÖLÇEGLERI IŞLÄP TAÝÝARLAMAK WE TASSYKLAMAK

**Çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini sarp etmegiň kadalary we ölçegleri.**

17. Kadalar we ölçegler önüm öndürmek üçin harajatlar şu bölümler boýunça işlenip taýýarlanýar:

göni we gytaklaýyn maddy harajatlar (gaýtarylýan galyndylaryň gymmatyny aýyrmak bilen), şol sanda çig mal, kömekçi materiallar, ýangyç-energetika serişdeleri;

zähmet hakyny tölemek üçin göni we gytaklaýyn harajatlar (şol sanda hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyny goşmak bilen);

goşmaça önümçilik çykdajylary (şol sanda esasy serişdeleriň ulanyş tutumy);

Görkezilen bölümler ýeke-täk we ähli kärhanalar tarapyndan ulanmak üçin hökmany bolup durýar.

18. Çykdajylary harajatlaryň degişli böleklerine eltmek Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalara laýyklykda geçirilýär.

19. Kadalar we ölçegler işlenip taýýarlanylanda kärhananyň özi tarapyndan ýerine ýetirilen ýa-da onuň tölegini geçiren, önüm öndürmek bilen gös-göni bagly bolmadyk işler, hyzmatlar (şäherleri we şäherçeleri abadanlaşdyrmak, oba hojalygyna kömek bermek we şuňa meňzeş bilen bagly işler) üçin harajatlary önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýar.

Çig maly, maddy serişdeleri, ýangyjy, ýylylyk we elektrik energiýasyny peýdalanmagyň döwlet standartlarynda we önümiň tehniki derejesini kesgitleýän beýleki resminamalarda görkezilýän görkezijileri.

**Çig malyň, maddy gymmatlyklaryň, ýangyjyň sarp edilişini kadalaşdyrmak.**

20. Maddy serişdeleriň paýlanyşyny çaklamak we olaryň peýdalanylyşyna gözegçilik etmek üçin şular niýetlenendir:

esasy önümçilikde sarp etmegiň ölçegleri;

maddy serişdeleri peýdalanmagyň ölçegleri;

abatlamak-ulanyş zerurlyklary üçin çykdajy ölçegleri;

gurluşyk üçin çykdajy ölçegleri;

beýleki degişli çykdajylaryň ölçegleri.

21. Çig maly, materiallary, ýangyjy, ýylylyk we elektrik energiýasyny sarp etmegiň kadalary kämilleşen we öňdebaryjy usullar bolmalydyr, önümçiligi guramagyň we tehnologiýanyň öňdebaryjy derejesine laýyk gelmelidir we maddy serişdeleriň çykdajylaryny azaltmagy we önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagy üpjün etmelidir.

22. Esasy önümçilikde sarp etmegiň ölçegleri.

Sarp ediş ölçegleri çig malyň, materiallaryň, ýangyjyň we energiýanyň möhüm görnüşleri boýunça, önümleriň bellenen sanawyna (nomenklaturasyna) laýyklykda işlenip taýýarlanylýar.

**Çig maly, materiallary, ýangyjy we energiýany peýdalanmagyň ölçegleri we görkezijileri.**

23. Çig maly, materiallary, ýangyjy we energiýany sarp etmegiň ölçeglerine we olardan peýdalanmagyň görkezijilerine şular degişlidir:

önümçilik işleri ýerine ýetirilende maddy serişdeleriň agramyň, meýdanyň, möçberiň, uzynlygyň birligine, düşýän (udel) gatnaşyk derejesine bolan çykdajysy;

önümçilik işleriniň görnüşleri boýunça tehnologik galyndylaryň we maddy çykdajylaryň ýitgileriniň, şol sanda daşamak we saklamak bilen bagly ýitgileriň möçberleri.

24. Senagat önümçiliginde maddy serişdeleri peýdalanmagyň netijeliligine we çykdajy ölçegleriniň tehnologiýanyň öňdebaryjy derejesine baha bermek üçin şu esasy görkezijiler ulanylýar:

önümçilikde maddy serişdeleri peýdalanyş koeffisienti, onuň peýdaly çykdajynyň (agram, teoretik çykdajy) şu serişdeleri sarp etmegiň ölçegine bolan gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär;

önümiň tehnologik häsiýetnamasynyň birligi üçin maddy gymmatlyklarynyň sarp edilişi, ol önümiň birligi üçin degişli sarp ediş ölçeglerini onuň tehniki häsiýetnamasynyň saýlanyp alnan parametrine (ölçeglerine) degişli etmek ýoly bilen kesgitlenýär;

önümiň (ýarym taýýar önümiň) çykyşy, mukdaryň hakyky sarp edilen başlangyç çig mala, maddy serişdä bolan gatnaşygyny görkezýär;

başlangyç çig maldan önüm almagyň koeffisienti, başlangyç çig malyň degişli görnüşinde bar bolan peýdaly maddanyň peýdalanylyş derejesini häsiýetlendirýär.

Şu maksatlarda biçüw koeffisientleri, çykdajy koeffisientleri we beýleki şoňa meňzeş görkezijiler hem peýdalanylyp bilner.

**Çig maly, maddy serişdeleri, ýangyjy, ýylylyk we elektrik energiýasyny peýdalanmagyň döwlet standartlarynda we önümiň tehniki derejesini kesgitleýän beýleki resminamalarda görkezilýän görkezijileri.**

25. Ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan döwlet standartlary, pudaklaýyn standartlary, tehniki şertler, usulýet görkezmeleri we konstruktorçylyk-tehnologik resminamalaryň düzümine we mazmunyna we önümiň hiline we tehniki derejesine baha bermegiň görkezijilerine degişli talaplary kesgitleýän kadalaşdyryjy resminamalaryň beýleki görnüşleri işlenip taýýarlananda önüme çig malyň, maddy serişdeleriň, ýangyjyň, we elektrik energiýasynyň sarp edilişi boýunça önümlere baha bermek üçin şu görkezijiler göz öňünde tutulýar:

çig malyň, maddy serişdeleriň, ýangyjyň, ýylylygyň we elektrik energiýasynyň möhüm görnüşlerini sarp etmegiň tehniki häsiýetnamasynyň birligine düşýän ýa-da önümiň sarp ediş hilini has doly häsiýetlendirýän görkezijileri;

önümiň tehniki häsiýetnamasynyň birligine düşýän ýa-da önümiň sarp ediş hil görkezijilerini has doly häsiýetlendirýän gatnaşygynyň (udel) agramy;

maddy serişdeleriň peýdalanyş koeffisienti - peýdaly sarp etmegiň (agramyň) önümiň birligini öndürmek üçin sarp ediş ölçegine gatnaşygy.

26. Öndürilýän önümleriň, önümleri öndürmek üçin ulanylýan çig mallaryň we maddy serişdeleriň hil görkezijileriniň Türkmenistanyň çäginde hereket edýän standartlaryň we standartlaşdyrmak boýunça beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmegine gözegçilik “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugy tarapyndan ygtyýarlyklarynyň çäginde amala aşyrylýar.

**Zähmet harajatlarynyň we zähmet hakynyň kadalary we ölçegleri.**

27. Zähmet harajatlarynyň we zähmet hakynyň düzümi pudaklar we önümçilikler boýunça zähmet öndürijiliginiň ýokarlanyşyny hasaplamak, işgärleriň sanyny kesgitlemek, zähmet haky goruny esaslandyrmak boýunça wezipeleriň talaplary bilen kesgitlenýär.

28. Kärhanada bir amal, bölek, şaý, önüm, önümiň görnüşi, işiň görnüşi üçin sarp edilýän wagtyň ölçegleri we iş öndürijilik ölçegleri sehleriň ýa-da kärhanalaryň dolandyryş edarasynyň bölümleriniň düzümine girýän birliklerde (zähmeti kadalaşdyrmak boýunça topar, bölüm, bölek) ozal işlenip taýýarlanan pudakara we pudaklaýyn kadalaşdaryjylaryň esasynda hasaplanyp çykarylýar. Bu ölçegler kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar.

29. Dolandyryşyň degişli derejesinde bellenen sanaw boýunça önümiň birliginiň zähmeti talap edijiligi hakyky ululyk görnüşinde hasaplanyp çykarylýar.

30. Senagat-önümçilik işgärleriniň ähli kategoriýalarynyň önümiň birligini ýa-da işleriň möçberiniň birligini öndürmek üçin hasabat döwründäki hakyky zähmet harajatlaryny görkezýän, önümiň birliginiň hakyky doly zähmet talap edijiligi kärhanalarda emele getirilýär. Ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan pudaklaýyn aýratynlygy göz öňünde tutýan, pudaklaýyn (kada) ölçeg emele getiriji görkezijiler (iş kuwwatlylygy, durmuşa geçirmek) bellenip bilner.

31. Tarif möçberleri ministrlikler we pudak edaralary tarapyndan tassyklanan we Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi tarapyndan ylalaşylan önümçilik pudaklarynyň kärhanalarynda işleýän işçileri tarifleşdirmegiň tertibiniň esasynda işlenip taýýarlanylýar.

32. Esasy önümçilik işgärleriniň bir amaly ýerine ýetirmek, bölegi, şaýy, önümi, önümiň görnüşini ýasamak, işiň görnüşini ýerine ýetirmek üçin zähmet

hakynyň harajatlary, bellenen tarif möçberlerinden (aýlyk zähmet hakyndan) we ölçeginden (iş öndürijilikden) ugur almak bilen, kärhanalarda hasaplanyp çykarylýar we kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar.

## IV. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

33. Ministrlikler we pudak edaralary öz garamagyndaky kärhanalarda, edaralarda we guramalarda öndürilýän önümleriň birligi üçin, çig mallary, kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini, zähmet harajatlaryny sarp etmegiň tehniki ykdysady taýdan esaslandyrylan kadalaryny we ölçeglerini Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi we “Türkmenstandartlary” baş döwlet gullugy (azyk önümleri babatynda - Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi) bilen ylalaşyp, tassyklaýarlar.

Ministlikler we pudak edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanmaga degişli kadalaryň we ölçegleriň mysaly sanawy şu Tertibe goşulýar.

Önümleri öndürmek üçin çig mallary,
kömekçi we ýangyç-energetika serişdelerini,
zähmet harajatlaryny sarp etmegiň
kadalaryny we ölçeglerini işlap
taýýarlamagyň Tertibine goşundy

## Ministlikler we pudak edaralary tarapyndan işlenip taýýarlanmaga degişli kadalaryň we ölçegleriň mysaly sanawy

| № | Ministrlikleriň we pudak edaralaryň ady | Önümçiligiň ady |
|---|---|---|
| 1 | Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary ministrligi | Abatlaýyş kärhanalary. |
| 2 | Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi | Derman önümçiligi. |
| 3 | Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligi | Oba hojalyk önümlerini öndürmek. Gaýtadan işleýän senagat boýunça: un ýarma; çörek bişirmek; unaş. garyşyk iýmleri öndürmek. Garaköli bagana, süýt, et, ýüň, deri.pagta arassalaýjy senagat: pagta süýümi, gowaça çigidi. |
| 4 | “Türkmengaz” döwlet konserni | Gaz çykarmak; gazy gaýtadan işlemek. |
| 5 | “Türkmennebit” döwlet konserni | Nebiti çykarmak; bentonit çykarmak. |
| 6 | “Türkmennebitgurluşyk” döwlet konserni | Suw gaz turbalaryny öndürmek. |
| 7 | Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy | Nebiti gaýtadan işlemek, nebit önümlerini. |
| 8 | Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti | Bag nahallaryny ösdürip ýetişdirmek. |
| 9 | Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi | Önümçilik: asbosement önümleri; ýygnama demirbetony; diwar materiallaryny, şol sanda çerepisa; gurluşyk keramikasyny; magdan däl materiallary; emeli öýjükli dolduryjylary; hek, gips we ýerli berkidiji materiallary we olardan alnan önümleri; ýylylyk saklaýjy materiallary; metal däl magdan önümlerini (kaolin); aýna önümlerini; farfor-faýans önümlerini; mebel öndürmek; agaç işläp bejermek. |
| 10 | Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi | Senagat: nahmata; ýüň; ýüpekçilik (ýüpek |

| | | |
|---|---|---|
| | | keleplemek, pile öndürmek); dokma; tikinçilik; gön-deri we dokma önümçiligi; aýakgap, dokalmadyk matalary, sütükli we sütüksiz önümleri öndürmek. |
| 11 | Türkmenistanyň Senagat ministrligi | Senagat: sement; maşyngurluşyk; metallary ikinji gezek gaýtadan işlemek; elektrotehniki enjamlar. |
| 12 | “Türkmenhimiýa” döwlet konserni | Senagat: mineral dökünler; himiýa; gurum; duz; tehniki ýod. |
| 13 | Türkmenistanyň Energetika ministrligi | Önümçilik: elektrik energiýasy; ýylylyk energiýasy. |
| 14 | Türkmenistanyň Balyk hojalygy döwlet komiteti | Balyk önümleri. |
| 15 | Türkmenistanyň Demirýol ulaglary ministrligi | Abatlaýyş kärhanalary |
| 16 | Azyk senagaty döwlet birleşigi | Senagat: süýji-köke; süýt; et; piwo; humarly içgiler; çakyr; spirt we liker- arak; ýag önümçiligi; gök önümleri gaýtadan işlemek. |
| 17 | “Türkmenawtoýollary” döwlet konserni | Asfaltbeton öndürmek. |
| 18 | “Türkmenhaly” döwlet birleşigi | Haly dokamak; ýüň ýuwmak; ýüplük öndürmek. |
| 19 | Metbugat müdirligi | Çaphana önümçiligi. |
| 20 | Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary döwlet gullugy | Täze gämileri gurmak, gämileri abatlamak. |

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2016-njy ýylyň 12-nji aprelinde bellige alyndy.
Bellige alyş sany 977.